**Mary welaýatynyň çäginde ýerleşýän**
**kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň,**
**şeýle hem welaýatyň ýaşaýjylarynyň dykgatyna**

Baýramaly etrabynyň zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölümi 2022-nji ýylyň 21-njy iýulynda Baýramaly etrap medeniýet bölüminde sagat 09:00-dan 12:00-a çenli aralykda boş iş orunlarynyň hödürleniş çäresini geçirýändigini habar berýär!

Kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň özlerindäki boş iş orunlary baradaky maglumatlary bilen bilelikde agzalan çärä wekilleriniň gatnaşmaklaryny üpjün etmeklerini;

Işe ýerleşmek isleýän raýatlaryň bolsa, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy, eger bar bolsa, zähmet depderçesi hem-de hünärini tassyklaýan resminamasy bilen agzalan çärä gatnaşmaklaryny haýyş edýäris.

Çäräniň geçiriljek ýeriniň salgysy:
Baýramaly şäheriniň Garaşsyzlyk köçesiniň 17-nji jaýy.

Habarlaşmak üçin telefon belgiler:
(800564) 6-26-76.